# Robotlaryñ we wirtual-real seksuallygyñ geljegi

Category: Kitapcy,Ylym we tehnologiýa
написано kitapcy | 26 января, 2025
Robotlaryñ we wirtual-real seksuallygyñ geljegi **ROBOTLARYÑ we WIRTUAL-REAL SEKSUALLYGYÑ GELJEGI**




*Aşakdaky makalada Nil Makartur we Mark Twist tehnologiýanyñ kömegi arkaly seksual rewolýusiýa gadam basandygymyzy aydýar. Wirtual-real äýnekleri we seks robotlary ýaly tehnologiýalar seksuallygyñ geljegi (Getty/iStock)*

Seksuallyk hakda bilýän zatlarymyz bütinleý özgermegiñ öñisyrasynda dur. Pynhan gatnaşyklarymyzy öwrülişige uçradan tehnologiýalar arkaly täze seksual rewolýusiýany başdan geçirýäris. Eýýäm ikinji seksual tehnologiýa tapgyrynyñ orta çykjak bolup durandygyna ynanýarys we tehnologiýalar käbir adamlaryñ öz jynsy aýratynlyklaryna bolan garaşyşlaryny üýtgedýär.

«Wirtualseksual» diýip at berilen şeýle adamlar adam partnýorlarynyñ ýerini almak üçin wirtual-real (WR) şertlerine we teledildonik (pult bilen dolandyrylýan dildo) diýilýän yzagaýtma aragatnaşyk (обратная связь) abzallary ýaly ösen tehnologiýalara ýönelýärler.



• **Wirtual seksuallygyñ tanyşdyrylyşy**

Ylmy barlagymyzda wirtual seksuallyk adalgasyny iki manyda ulanýarys. Birinji we giñ manysy ösen tehnologiýalaryñ seksuallyk we ýakyn gatnaşyklarfaky ulanylyşyny añladýar. Adamlar häzirki ýa-da potensial partnýorlary bilen gatnaşygy ýola goýmak üçin ulanýan birnäçe zadymyza we birinji seksual tehnologiýa tolkuny hökmünde atlandyran zadymyza şonsuzam höwesjeñ.

Biri-birimize sms hatlaryny ugradýarys, «Snapchat», «Skype» ýaly ulgamlary ulanýarys. Täze tanyşlary tapmak üçin «Tinder», «Bumble» ýaly sosial ulgamlara girýäris. Şeýle tehnologiýalar şeýle bir çalt kabul edildi welin, şahsy durmuşymyzyñ üstünde näderejede täsiriniñ bardygyny gözden sypdyrýan bolmagymyz mümkin.

Adamlaryñ tehnologiýany ýakyn gatnaşyklarynda nähili ulanýandyklaryny derñemek jadylaýjy. Geñ galdyrmaýan ýagdaýda, barlagymyzyñ dowamynda adamlaryñ tehnologiýany ulananda dürli birikdirme tilsimlerini ulanýandyklaryny görýäris. Adamlar özara gatnaşyklarynda bolşy ýaly tehnologiýany-da howpsuz, şübheli, çekinjeñ ýa-da şu üçüsiniñ utgaşykly şertlerinde ulanýarlar. Wirtual seksuallygyñ seksual identifikasiýalary ikinji seksual tehnologiýa tolkuny bilen formulirlenen adamlar üçin ulanýandygymyz ikinji we has dar manysy-da bar.

Şeýle tehnologiýalar adam ýassykdaşa mätäçlik duýmazdan güýçli seksual hyzmatlary hödürleme ukyby bilen tanalýar. Seks robotlary adamlaryñ iñ islegli ikinji tolkun tehnologiýalaryndan. Hakyky manyda heniz ýok. Emma mediýada

giñ möçberde jedeli gidýär, çeper filmlerde we teleýaýlymlarda ýygy-ýygydan görkezilýär. Käbir firmalar seks robot prototipleri boýunça synag tapgyrlaryny çykaranam bolsa, bular adamyñ seks roboty diýip göz öñüne getiren zadyndan heniz uzakda. Aýratynam ynanyp bolmajak derejede gorkunç.



- **Seksbotlaryñ kämilleşdirilmegi**

«RealDoll» kompaniýasy ýaly hakyky seksbotlary kämilleşdirmek üçin iş alyp barýan birnäçe kompaniýa bar. Emma heniz hötdesinden gelinmedik birnäçe tehniki bökdençliklerem keserip dur. Mysal üçin, hakyky manysynda interaktiw emeli añ haýal ösýär we robotlara ýöremegi öwretmegiñ juda kyndygy görülýär. Hasam beteri, käbir oýlap tapyjylar seksbotlar üçin antromorfik bolmadyk (adama meñzemeýän täzeçil çyzgylary synag etmäge başlady.
Munuñ bilen birlikde WG hem çalt ösýär. Seks pudagynda WR eýýämhäzirden pornografik ýaýlymlaryñ passiw tomaşa edilşiniñ añyrsyna geçen formalarda ulanylmaga başlandy. Köplenç taktilleýin yzagaýtma abzallary bilen birleşdirilen giñ gurşawly wirtual dünýäler we köp oýunçyly gatlaklar döwreler adamlara hakyky dünýäde elýeterli bolmadyk güýçli jynsy hyzmatlary hödürlemek üçin döredilýär.
Žurnalist Emili Uitt şeýle tehnologiýalaryñ käbirleri bilen geçiren synaglaryny 2016-njy ýylda «Geljekki jynsyýet: Täze azat söýginiñ görnüşi» atly kitabynda ýazdy.




Ikinji tolkun tehnologiýalaryñ beýnimiziñ üstünde has öñkülerden kwalifikasion taýdan tapawutlg täsiriniñ bardygy hakda güýçli subutnamalar bar.
Professor Şerri Terkl we beýleki ylmy-barlagçylar robotlar ýaly «otnositel eserler» diýip atlandyran zatlary bjlen adamlaryñ ýola goýjak ýakynlygynyñ güýjüniñ üstünde batlaglar geçirdi. Terkl otnositel eserlere «adamlary tebigy ikitaraplaýyn gatnaşykdadygyna ynandyrmak üçin hereket edýän ýa-da hereket edýän ýaly jolup görünýän jansyz jisimler» hökmünde baha berýär. Giñ gurşawly WR synaglary şeýle-de beýleki mediýa görnüşlerinen kwalifikasion taýdan tapawutly güýçlülik derejesini hödürleýär.


- **Giñ gurşawly synaglar**

2016-njy ýyldaky «Wirtual geljek» forumynyñ çäginde geçirilen

konferensiýada WR boýunça barlagçy Silwiýa Sýueni Pan WR tehnologiýasynyň giň gurşawly tebigatyny düşündirdi. Onuň pikiriçe WR tehnologiýasynyň edýän zady – adamyň beýnisine ynandyryjy illýuziýa ýerleşdirmek. Hakyky wagtly ýerleşdirme üç ölçeglu stereo görnüş we giň synlaýyş ulgamynyň netijesi hökmünde ulanyjynyň beýnisi görýän zadynyň hakykatdygyna ynanmaga başlaýar. Panyň aýdyşy ýaly:
«WR-de emele gelen ýagdaý we wakalar hereketleriňiz we şahsy taýdan siziň bilen ilteşikli bolsa, şeýle wakalara hamana hakykat ýaly garşylyk berýärsiňiz».




*Professor Silwiýa Sýueni Pan*
Şeýle tehnologiýalar ösdügiçe birnäçe kişiniň adam partnýory ýaly, hatda käbir ýagdaýlarda ondanam artyk kanagatlandyryp biljek jynsy gatnaşyklara şert döreder. Öňümizdäki ýyllarda gürrüňi gidýän tehnologiýalar has sofistik we giňden ýaýran ýagdaýa geldigiçe seksuallygy we partnýoryny doly emeli aňly aktýorlardan ýa-da wirtual şertlerden saýlap aljak adamlaryň sanynyň artjakdygynyna ynanýarys.
Şular ýaly prosesiň dowamynda bir wagtyň özünde «wirtual-seksual» diýilýän bu täze jynsy şahsyýetiň döreýşine-de şaýatlyk ederis.




- **Seksuallyk we belläp goýmak**

Wirtual-seksual şahs seks robotlaryny we wirtual-real pornografiýasyny seksual synaglarynyň bir bölegi hasaplaýan we adam partnýorlary bilen fiziki ýakynlyga mätäçlik duýmaýan kişidir.
Marginal (garasöýmez, çetçi) jynsy şahsyýetler muňa öňdenem bellengi dur. Wirtual-seksuallaryňam mundan çetde galmajagy eýýämden belli bolýar. Şahsyýet hökmünde wirtual-seksuallyk eýýämhaçandan bäri mediýada we internetde birnäçe teswirçiniň halamazçylykly garşylyklaryna uçrap gelýär.
Geçmişdäki säwliklerden sapak almaly. Jemgyýet geýlere, lezbiýankalara, biseksuallara, panseksuallara, aseksuallara, öz razylygyna bagly ýeke ýanýoldaşly bolmadyk adamlara we BDSM-lara (БДСМ — психосексуальная субкультура, основанная на эротическом обмене властью и иных формах сексуальных отношений, затрагивающих ролевые игры в господство и подчинение -t.b.) gyýa göz bilen garapdy.
Soňra wagt geçdigisaýy kem-kemden ähli şular ýaly jynsy identifikasiýalary kabul etmegi öwrendik. Şeýle giňligi wirtual-seksuallara-da görkezmeli. Giň gurşawly seksual tehnologiýalar ýaýradygyça, olara we ulanyjylaryna açyk pikir bilen çemeleşmeli bolarys.
Tehnologiýanyň ümzüginiň nirä barýandygyny bilemzok, hökmany suratda ara alyp maslahatlaşmaly howatyrlandyrmalar bar, tehnologiýa bilen dil tapyşmamyz adam partnýorlarymyz bilen öz razylygy boýunça çemeleşmäňiz nähili şekillendirýän bolsa, şolar ýaly.

Makalamyz tapmaçanyň belli bir bölegininň üstünde durup geçýär: Tehnologiýanyň seksual şahsyýetiň kemala gelmegine nähili täsir edýändigi we tehnologik esasly seksual şahsyýete eýe kişileriň garalanma we otrisatel garaýyşlary bilen nähili garşylaşyp biljekdigi sowaly. Hawa, howplary ýoksuz däl. Ýöne şonsuzam gamçydyr şapbat janyňy awutman duranog-a.



**Nil MAKARTUR,**
**Manitoba uniwersitetiniň Hünär we ýerine ýetirmeli etika merkeziniň direktory.**




**Mark TWIST,**
**Wiskonsin uniwersitetiniň professory.**
«The Conversation» žurnaly, 13.03.2019 ý. Ylym we tehnologiýa